# “MAÝAM” HIMIKI ARASSALAMANYŇ HIL PUDAGYNDA SYÝASAT



## BIZIŇ WEZIPÄMIZ

Biziň wezipämiz – sarp edijiniň ynamyny gazanmak we hödürlenýän hyzmatlaryň halkara derejesine laýykdygyny subut etmek.

Wezipeimizi amala aşyrmak üçin berjaý edýän düzgünlerimiz:

- Her bir müşderä aýratyn çemeleşmek;
- Müşderileriň zatlaryna aýawly garamak;
- Müşderilerimize rahatlygy üpjün etmek – müşderileriň zatlaryny amatly ýerde ýygnap almak we eltip bermek;
- Edilýän hyzmatlar üçin elýeterli bahalar;
- Hyzmatlaryň gineldilen görnüşlerini etmek.

## “MAÝAM” HIMIKI ARASSALAMANYŇ HIL PUDAGYNDA SYÝASAT

Gymmatly wagtyňyzy arassalamaga, ýuwmaga we ütüklemäge sarp etmäň!
Biz muny Siziň üçin ederis!
Durmuşdan bu ýerde we häzir lezzet alyň!

Kärhanamyz “MAÝAM” logotipi bilen Aşgabat şäheriniň çäginde himiki we çygly arassalamak, kir ýuwmak we ütüklemek hyzmatlaryny edýär. Kärhana ýokary hil netijesinde ilata hyzmat etmekde öňdebaryjy kärhanalardan biri bolup durýar .
Kärhana ISO 9001: 2015 halkara standartynyň talaplaryna laýyklykda hil dolandyryş ulgamyny ornaşdyrdy, onuň ulanyş pudagy – himiki arassalama hyzmaty, eşikleri we dürli önümleri ýuwmak boýunça hyzmatlar.

Önümleriň alynmagyndan başlap, berilýänpursatyna çenli edilýän hyzmatlaryň tutuş tapgyrlarynda işleriň dogrulygyna 8 gezek gözegçilik edýäris.
Hyzmatlaryň ýokary hilini üpjün etmek – kärhananyň strategiki ugrunyň we maksatlarynyň esasyny düzýär.

# “MAÝAM” HIMIKI ARASSALAMANYŇ HIL PUDAGYNDA SYÝASAT

## MAKSADY

“MAÝAM” kompaniýasynyň hil pudagynda esasy maksady – dünýä standartlaryna laýyklykda sarp edijileriň talaplaryny we isleglerini kanagatlandyrýan bäsdeşlige ukyply hyzmatlary etmek .

Bu maksada ýetmek üçin biz birnäçe meseleleri çözýäris:

- Sarp edijileriň talaplaryny we garaşýan zatlaryny yzygiderli seljermek, edilýän hyzmatlardan kanagatlylyk derejesine baha bermek;
- Üpjün edijini saýlamagyň netijeli ulgamyny döretmek;
- Amatly we howpsuz gurşawy döretmek, şeýle hem edilýän hyzmatlaryň hilini yzygiderli gowulandyrmak prosesine her işgäri çekmek, hil pudagynda işgärleri yzygiderli taýýarlamak;
- Tehnologiki kartalary berjaý etmek bilenişleriň dowamynda hyzmatlaryň hilini dolandyrmak;
- Ýokary hünärli hünärmenler tarapyndanenjamlara hyzmat etmek;
- Marketing çärelerini ösdürmek we bu ugurda çareleri meýilleşdirmek;
- Hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny ösdürmek we giňeltmek;
- Täze tehnologiýalary öwrenmek we iň geljegi bolan we howpsuz tehnologiýasyny ornaşdyrmak, durmuş hyzmatlar pudagynytäze ugurlarda ösdürmek;
- Yzygiderli kämilleşdirilýän öňdebaryjy IT-tehnologiýalary we “Agbis” awtomatlaşdyrmagy ulanmak.



Goýlan wezipeleri amala aşyrmak üçin aşakdakyborçnamalary ýerine ýetirýäris:

- Kanunçylyk, kadalaşdyryjy-hukuk we kärhananyň işine degişli hil pudagynda gaýry talaplary berjaý etmek we olara laýyk bolmak;
- Syýasat barada habarlylyk we kärhananyň ähli işgärleri tarapyndan düşünmegini üpjünetmek;
- Hünär pudagynda we hil menejmenti pudagynda işgärleriň ygtyýarlyklaryny ýokarlandyrmak maksady bilen işgärler üçin okuwlary geçirmek;
- Prosesiň ýerine ýetiriş hiline we ahyrky netijesine gözegçilik etmek;
- Işgärleri bellenen tabşyryklary ýerine ýetirmäge höweslendirmek;
- Hereket edýän hil menejment ulgamyny derwaýyş ýagdaýda saklamak we üznüksiz gowulandyrmak;
- Hereket edýän hil menejment ulgamynyň dolulygyna işlemegi üçin zerur serişdeleri bilen üpjün etmek;
- Müşderiniň kanagatlylyk derejesini ýokarlandyrmak.

MYRADOWA M.W. TARAPYNDAN
TASSYKLANAN 15.05.2023